# Itiñ çäkmen dokaýşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Itiñ çäkmen dokaýşy ITIÑ ÇÄKMEN DOKAÝŞY

Gyşyñ aýazynda buýanda itler,
Üýrüşip ýörlermiş gezekme-gezek:
– Wow, wow, wow…
– Bu bolşuñyz bolmaýar-how, ýigitler,
Munuñ bir çäresin kylmagmyz gerek.

Eñki gaçan tüýlek gürji sortduryp,
Çyñsarmyş: eşiksiz ädimem ätmen.
Tomsa çyksam, öz ýüñümi gyrkdyryp,
Dokaryn özüme ýylyjak çäkmen.

Onsoñ tomus çykýar,
Hälki it bolsa
Öz it ýalagyndan garnyny ýallap,
Uzyn günläp süýşüp kölgeden-kölgä,
Pikir edermişin dilini sallap.

– Gyş düşse, eşiksiz ädimem ätmen.
Dogrudanam, eşik uçursyz derkar,
Tikmeli ýüñümden özüme çäkmen.
Ýöne welin… kim egrip, kim dokar?
Kim egrip, kim dokar?
Kim egrip, kim dokar?

Onsoñ tomus geçip,
Ýene gyş düşýär.
Ýene it çyñsarmyş gijeler ýatman:

– Tomsa çyksam öz ýüñümi gyrkdyryp,
Dokaryn özüme ýylyjak çäkmen.

Ýyllar geçip, dynman aksa-da suwlar,
Gaýtalanar durarmyşyn arzuwlar.

1972 ý.

Halyl KULYÝEW. Goşgular